Türkmenistanyň Prezidentiniň
2016-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda
çykaran 14570-nji karary bilen
tassyklandy

# «TÜRKMENISTANDA ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA 2016-2020-NJI ÝYLLAR ÜÇIN HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASY»


**Gysgaltmalaryň sanawy**

**I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER WE HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASYNYŇ BEÝANY**

(a) Giriş

(b) Türkmenistanda adam hukuklarynyň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýyna seljerme

(ç) Meýilnamanyň esasy maksatlary

(d) Meýilnamanyň ulanylyş çygry

(e) Hyzmatdaşlar

(ä) Hukuk esasy

HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASYNYŇ DURMUŞA GEÇIRILIŞINIŇ GURNALYŞY

Hereketleriň milli Meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň monitoringini geçirmek we oňa baha bermek

**II BÖLÜM. HEREKETLERIŇ MILLI MEÝILNAMASYNYŇ GURLUŞY**

**I BÖLEK. YKDYSADY, DURMUŞ WE MEDENI HUKUKLAR**

(a) Maksatlar

(b) Işiň we netijeliligiň görkezijileri

**II BÖLEK. RAÝATLYK WE SYÝASY HUKUKLAR**

(a) Hereketleriň milli Meýilnamasynyň maksatlary

(b) Işiň we netijeliligiň görkezijileri

**III BÖLEK. HUKUK ULGAMY: KAZYÝET ULGAMY, HUKUK GORAÝJY EDARALAR WE ADWOKATURA**

(a) Hereketleriň milli Meýilnamasynyň maksatlary
(b) Işiň we netijeliligiň görkezijileri

**Gysgaltmalaryň sanawy**

| | |
|---|---|
| EKOSOS | Birleşen Milletler Guramasynyň ykdysady we durmuş geňeşi |
| AHÝKM | Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň müdirligi; |
| BMG | Birleşen Milletler Guramasy; |
| HZG | Halkara Zähmet Guramasy; |
| BMGÖM | Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy; |
| ÝUNDAF | Ösüşe ýardam bermek boýunça BMG-niň Çarçuwaly maksatnamasy |
| ÝHHG | Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy; |
| ÝUSAID | Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň halkara ösüş boýunça agentligi |
| AHHMM | Adam hukuklary babatynda Hereketleriň milli Meýilnamasy (mundan beýläk - Hereketleriň meýilnamasy) |
| UDS | Uniwersal döwürleýin syn; |
| DÜHA | Durmuş üpjünçiliginiň halkara assosiasiýasy |
| BMGNJGG | Birleşen Milletler Guramasynyň Neşekeşlige we Jenaýatçylyga garşy göreşmek müdirligi |
| RSHHP | Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Pakty; |
| YDMHHP | Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara Pakty; |
| TPDAHTMI | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty; |
| KHBS | Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri; |
| ÝOM | Ýokary okuw mekdebi; |
| OTOM | Orta tehniki okuw mekdebi. |
| ÖHHÇM | Ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk atly Çarçuwaly maksatnama |
| DÖM | Durnukly Ösüş Maksatnamasy. |

**I bölüm. Umumy düzgünler we Hereketleriň meýilnamasynyň beýany**

(a) Giriş

Adam hukuklary babatynda Hereketleriň milli meýilnamasy hakyndaky Konsepsiýa 1993-nji ýylda Wenada geçirilen Adam hukuklary babatyndaky bütindünýä maslahatynda kesgitlenildi. Konsepsiýa adam hukuklary babatyndaky ýagdaýy yzygiderli gowulandyrmak, ilkinji nobatda, her bir ýurduň hökümetiniň we halkynyň hoşmeýilli ygtyýaryna garaşlydygyna esaslanýar. Şonuň bilen baglylykda, Bütindünýä iş maslahaty her bir döwlete adam hukuklaryny goramaga we höweslendirmäge gönükdirilen çäreleriň sanawyny özünde jemleýän Hereketleriň milli Meýilnamasyny işläp taýýarlamak hakyndaky soraga seretmegi maslahat berdi.

Adam hukuklarynyň berjaý edilmeginiň köpdürliligini nazara almak bilen, Hereketleriň milli Meýilnamasy işlenip taýýarlanylanda ilki bilen adam hukuklary babatyndaky hereket edýän ýagdaýy seljermek we Milli meýilnamada goýlan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine gönükdirilen ählumumy hem-de döredijilikli çäreleriň maksatnamasyny kesgitlemek möhümdir. Şu görnüşdäki Adam hukuklary babatyndaky Hereketleriň milli Meýilnamasy aşakdaky netijeleri gazanmaga ýardam bermäge niýetlenendir:

-milli kanunçylykda adam hukuklary babatyndaky halkara kadalaryny we standartlaryny, kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygyna ýardam bermegi we has netijeli hukuk düzgünini döretmegi nazara alýan has anyk hukuk çäkleri;

- fiziki şahslaryň hukuk goraglylygyny gowulandyrmak;

- adam hukuklaryna hormat goýmak medeniýetini ýokarlandyrmak;

- adam hukuklaryny goramak we höweslendirmek çygryndaky milli edaralaryň mümkinçiliklerini pugtalandyrmak;

- ähli adamlar üçin, esasan-da, ilatyň goraga mätäç toparlarynyň durmuşynyň hilini gowulandyrmak üçin has netijeli durmuş maksatnamalarynyň bolmagy;

- milli ylalaşyk we içerki dawalaryň ýüze çykmak töwekgelçiligini peseltmek ýörelgelerini tassyklamak;

Türkmenistanyň Hökümetiniň Adam hukuklary boýunça 2016-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasyny (mundan beýläk - Hereketleriň meýilnamasy) işläp taýýarlamak we kabul etmek hakyndaky çözgüdi Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan gelip çykýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 19-njy maddasy adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Hökümeti Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň we Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ygrarlydygyny tassyklaýar. Şonuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Hökümeti mundan beýläk hem adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak babatyndaky borçnamalaryny ýerine ýetirmek, şeýle hem bu çygyrda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek ugrunda tagallalaryny gaýgyrmaz.

**(b) Türkmenistanda adam hukuklarynyň ýerine ýetirilişiniň ýagdaýyna seljerme**

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän özgertmeler, jemgyýetçilik-syýasy ulgamyň progressiw taýdan täzelenmegine, Türkmenistanyň abraýynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegine ýardam edýär. Türkmenistanyň geljekki we ählitaraplaýyn ösüşiniň esasy bolup, halkyň ösüş ýoluny dowam etmek islegi we döwletiň bu ugry goldamaga bolan erki çykyş edýär.

Ýurduň döwlet syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biri her bir adamyň syýasy, ykdysady, durmuş we beýleki raýatlyk hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmek, döwletiň we jemgyýetiň demokratik ýörelgelerini we hukuk esaslaryny berkitmekden ybarat bolup durýar. Milli ykdysadyýet güýçli depginler bilen ösýär, ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we durmuş infrastrukturasyna goýulýan maýa goýumlar artdyrylýar. Ykdysadyýetiň hususy pudagyna, kiçi we orta telekeçilige belli bir maksada gönükdirilen goldaw berilýär.

Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň (JIÖ) ösüş depgini soňky ýyllarda 10 göterimden gowrak ýokarlandy. Şeýlelikde, Türkmenistanyň JIÖ-i 2014-nji ýylda 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende hereket edýän nyrhlarda 4,6 esse köpeldi. JIÖ-niň ilatyň jan başyna düşýän derejesi bolsa, satyn alyjylyk ukybynyň deňeçerligi boýunça 1,8 esse köpeldi we 2012-nji ýylda bolsa ortaça ýokary girdejili döwletler üçin umumy kabul edilen derejä ýetdi. 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda JIO-niň ilatyň jan başyna düşýän görkezijisiniň 1,5 esse köpelmegine garaşylýar. Soňky ýyllaryň dowamynda býujet çykdajylarynyň durmuş harajatlaryna gönükdirilmegi dowam etdirilýär, ýagny býujet serişdeleriniň 75 göteriminden gowragy durmuş ulgamyny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Türkmenistanda döredilen ilaty durmuş taýdan goramak ulgamy umumy dünýä meýillerini we şol bir wagtyň özünde hem özboluşly aýratynlyklaryny, onuň taryhy, demografik we durmuş aýratynlyklaryny nazara alýar.

2012-nji ýylda Türkmenistanda ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazgysy geçirildi. Ilat ýazgysynyň netijeleri ýurtda oňyn durmuş-ykdysady we demografik üýtgetmeleriň bolup geçendigine şaýatlyk edýär. Ilkinji nobatda, durmuş derejesinde oňyn sepgitleriň gazanylandygyny we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulaşandygyny aýdyp bolar. Täze dogulýan çagalaryň sany hem artýar. Türkmenistanyň ykdysady we durmuş ösüşiniň baş ýörelgesi-ugry, ilki bilen, ýüze çykan meseleleri çözmäge we ýurduň durmuşynyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen, ylmy taýdan esaslandyrylan milli maksatnamalaryň esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuşa geçirýän syýasatynyň esasynda milli kanunçylyga halkara hukugynyň kadalary üstünlikli ornaşdyrylýar. Bu işiň amala aşyrylmagy bilen, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň, şol sanda, adam hukuklary babatynda halkara borçnamalarynyň we ölçegleriň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmeginiň hukuk esaslaryny üpjün edýän Türkmenistanyň kanunçylygynyň mundan beýläk hem özgertmek boýunça täze wezipeler anyk kesgitlenildi we durmuşa geçirilýär.

2008-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy rejelenen görnüşde tassyklandy. Onda Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyna gabat gelýän halkara we milli hukugyň özara baglanyşygynyň geljekki ösüşi öz beýanyny tapdy. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ykrar edilmeginiň 20 ýyllygy bellenilip geçildi. Rejelenen görnüşde kabul edilen Konstitusiýada Türkmenistanyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýandygy hakyndaky düzgüni berkidýän 6-njy madda aýratyn orun degişlidir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda döredilen «Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça Konstitusion topary», şeýle hem, Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça Konstitusion toparyň ýanynda, gelip gowuşýan teklipleri öwrenmek we tertipleşdirmek boýunça topary tarapyndan ýurduň Esasy Kanuny kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar. Onda diňe bir şu günüň däl-de, ýakyn geljegi we uzak möhleti nazarlaýan syýasy, ykdysady we durmuş meseleleri öz beýanyny tapmalydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistan 130-dan gowrak halkara şertnamalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşyjy bolup durýar. Olar ýurduň adam hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmegiň, durmuş-ykdysady we ynsanperwer meselelerini çözmegiň halkara-hukuk esasyny emele getirýärler. Olaryň hatarynda adam hukuklary babatynda esasgoýujy halkara resminamalary bardyr. Türkmenistan adam hukuklaryny goramagyň milli ulgamynyň mundan beýläk-de özgertmelerini

durmuşa geçirýär, dünýä bileleşiginiň öňünde öz üstüne alan borçnamalaryny tutanýerli we yzygiderli amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda, döwletiň esasy ileri tutýan ugurlarynyň biri hökmünde aýallara we erkeklere deň hukuklary döretmek ýörelgesi çykyş edýär. Şonda hukuk ulgamynda iň gowy dünýä tejribesini öwrenmäge we milli kanunçylygy häzirki zamanyň talaplaryna laýyk getirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şonuň bilen baglylykda, 2015-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda «Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli Meýilnamasy» kabul edildi.

Türkmenistanyň ykdysady we durmuş ösüşiniň strategiýasy, ilki bilen, ýüze çykan meseleleri çözmäge we ýurduň durmuşynyň ähli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen, ylmy taýdan esaslandyrylan milli maksatnamalaryň esasynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary ýurtda adam hukuklary boýunça garaşsyz institusional edaranyň döredilmegini hem gurşap alýar. Hormatly Prezidentimiziň 2015-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Mejlisinde eden taryhy çykyşynda Türkmenistanda Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekliň edarasyny döretmegiň we konstitusion tertipde berkidilmeginiň möhümdigine deputatlaryň ünsini çekdi.

Türkmenistanyň Mejlisiniň 2015-nji ýyl üçin Iş meýilnamasynda ýurdumyz üçin bu möhüm ugurda iş alyp barmak göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil hakyndaky» kanunyň taslamasyny işläp taýýarlamak üçin iş topary döredildi. Ygtyýarly wekiliň işi Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup durýan BMG-niň şertnamalaryndan gelip çykýan halkara borçnamalaryna we Pariž ýörelgelerine laýyklykda amala aşyrylar.

Türkmenistanyň Bütindünýä ösüşe goşýan mynasyp goşandynyň ykrar edilmegi ýurdumyzyň birnäçe abraýly halkara guramalaryna agza bolup çykyş edýändigindedir. Türkmenistan 2016-2018-nji ýyllar üçin Gender deňhukuklylygy we aýallaryň hukuklaryny giňeltmek hem-de mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça BMG-niň Ýerine ýetiriji geňeşiniň gurluşyna, hemişelik esasda BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Müdirliginiň Ýerine ýetiriji komitetine agzalygyna saýlandy. Türkmenistan birinji gezek 2013-2017-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Ýerine ýetiriji maslahatynyň agzalygyna saýlandy, şeýle hem Migrasiýa boýunça halkara guramasynyň 151 agzasynyň biragyzdan goldamagynda doly hukukly agzasy hökmünde saýlandy.

Adam hukuklary babatynda netijeli gepleşikleri berkitmek, geljekki demokratik özgertmeleri ösdürmek we Milli dokladlary öz wagtynda taýýarlamak maksady bilen Türkmenistanyň Hökümeti Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissaryň müdirligi, Ýewropa Bileleşigi we BMG-niň Ösüş Maksatnamasy bilen üstünlikli hyzmatdaşlygy durmuşa geçirdi. «Türkmenistanyň adam hukuklaryny goramak we ösdürmäge milli mümkinçiligini pugtalandyrmak» atly taslamanyň çäginde 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli institutynda Adam hukuklary boýunça Maglumatlar merkezi açyldy. Şeýle Merkezler ýurduň ähli sebitlerinde hem açyldy. Bu Merkezleriň döredilmeginiň maksady ilatyň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmaga, adam hukuklary babatynda halkara ölçeglere we milli kanunçylyga degişli soraglara maglumatlary tapyp bermäge ýardam etmäge gönükdirilýär.

Ösüş maksatlary üçin hyzmatdaşlygyň täze Çarçuwaly Maksatnamasy (ÖHÇM) ylalaşyldy. 01 Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň durnukly derejede ösmegini goldamaga gönükdirilendir. Şonuň bilen birlikde bolsa, Türkmenistanyň halkynyň ýaşaýşynyň dowamlylygyny artdyrmaga, saglygyny berkitmäge we ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin zerur şertleri döretmäge ýardam berer.

ÖHÇM çäklerindäki hyzmatdaşlykdan garaşylýan jemleýji netijeler (aşakda getirilýär) Türkmenistanyň Hökümeti, BMG we raýat jemgyýetine wekilçilik edýän hyzmatdaşlar tarapyndan kesgitlenildi. Ol Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna, Durnukly ösüşiň maksatlaryna (DÖM) gabat gelýär we BMG-niň agentlikleriniň serişdelerini we seljermesini mümkin bolan derejede ulanylmagyny nazara alýar. Ýokary hilli maglumatlar we ösüşiň monitoringi, ýokary hilli inklýuziw durmuş hyzmatlary, ekologik durnuklylyk we energetiki taýdan netijelilik, iş bilen üpjünçilik, ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy we söwda, netijeli dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy ýaly ugurlarda gutarnykly netijeleriň gazanylmagyna garaşylýar.

Halkara hukuk kadalaryny netijeli ornaşdyrmak, adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak babatyndaky konwensiýalaryň düzgünlerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek, Milli dokladlaryň BMG-niň komitetlerine öz wagtynda bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 2007-nji ýylyň 24-nji awgustynda Türkmenistanyň adam hukuklary babatynda halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üpjün etmek boýunça Pudagara topary döredildi. 2011-nji ýylyň 12-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen bu Pudagara topar Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara

ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyna öwrüldi.

Pudagara topar hemişe hereket edýän maslahat beriji edara bolup adam hukuklary babatynda Türkmenistanyň halkara-hukuk borçnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça ministrlikleriň, döwlet komitetleriniň, pudak edaralarynyň we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň işini utgaşdyrmak maksady bilen döredildi. Pudagara toparynyň işi Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty tarapyndan utgaşdyrylýar. Bu Pudagara toparyň çäginde topara girýän ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylaryndan we hünärmenlerinden ybarat bolan Iş topary döredildi.

Şu Hereketleriň meýilnamasy Pudagara toparyň, onuň iş toparynyň, şeýle hem Adam hukuklary boýunça Ýokary Komissaryň müdirliginiň,Ýewropa Bileleşiginiň we BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň bilelikde durmuşa geçiren «Adam hukuklaryny goramak we hemaýat etmek boýunça Türkmenistanyň milli potensialynyň pugtalandyrylmagy» atly taslamanyň tagallalarynyň netijesi bolup çykyş edýär. Meýilnama işlenip taýýarlanylanda gyzyklanýan ministrlikler we pudak edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri bilen yzygiderli maslahatlara geçirildi.

### (ç) Meýilnamanyň esasy maksatlary

Meýilnamanyň esasy wezipesi döwlet syýasatynyň çäklerinde adam hukuklaryny goramak, höweslendirmek we üpjün etmegi kesgitlemek, bu maksatlara ýetmegi üpjün etmek üçin meýilnamalary işläp taýýarlamak, degişli hökümet edaralarynyň ählisini we raýat jemgyýetini mundan beýläk hem bu işe çekmek, bu maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin zerur bolan serişdeleri bölüp bermek bolup durýar.

Hereketleriň meýilnamasy adam hukuklary babatynda döwlet maksatnamalaryny we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň üsti bilen adam hukuklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge we geljekde kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Umumy ýörelgeleriň kesgitlenilmegi, şeýle hem Hereketleriň meýilnamasyna anyk we ýerine ýetirilmegi mümkin bolan maksatlaryň goýulmagy netijeli çemeleşme bolup durýar. Hereketleriň milli Meýilnamasy adam hukuklaryny goramak, höweslendirmek we üpjün etmek babatynda döwlet dolandyryş edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, jemgyýetçilik

birleşikleriniň we halkara hyzmatdaşlarynyň işini utgaşdyrýar. Meýilnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň möhüm şerti monitoringiň geçirilmeginiň kepillendirilmegini üpjün etmek, hasabatlylygyň we gözegçiligiň netijeli ulgamyny döretmek bolup durýar.

**(d) Meýilnamanyň ulanylyş çygry**

Hereketleriň meýilnamasy 2016-2020-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Onuň 2020-nji ýylyň öň ýanynda üstünlikli tamamlanmagy we gazanylan sepgitleri we başarnyklary, statistiki maglumatlary, geljeki milli ileri tutulýan ugurlary nazara alýan täze dowam etdiriji meýilnama işlenip taýýarlanylar.

Meýilnama şulary öz içine alýar:

- ykdysady, durmuş we medeni hukuklary;
- raýatlyk we syýasy hukuklary;
- hukuk ulgamyny: şol sanda, kazyýet ulgamyny, hukuk goraýjy edaralary, adwokaturany.

Ýokarda görkezilen çäreleriň her biriniň aýrylmaz bölegi bolan gender deňhukuklygynyň meseleleri Hereketleriň meýilnamasynda aýratyn orny eýelär.

**(e) Hyzmatdaşlar**

Şu Meýilnama ýurduň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýet edaralary, ministrlikler we pudak edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri we halkara guramalary bilen ýerine ýetiriler.

**(ä) Hukuk esasy**

Şular Adam hukuklary babatynda hereketleriň milli Meýilnamasynyň hukuk esasy bolup:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasy (18.05.1992 ý.);
- «Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, kanunlarda we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynda berkidilen hukuklary we azatlyklary jynsy, aýal-erkekligi, dili, dini, ýaşaýan ýeri, syýasy we beýleki ynamlary, milleti ýa-da gelip çykyşy emläk, wezipe ýa bolmasa başga bir ýagdaýy ýaly aýratynlyklar boýunça hiç bir suratda tapawut etmän her bir adama üpjün edýär» diýlip bellenilen Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnama (27.12.1995 ý.).

- «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen we halkara hukuk normalarynda bellenilen adamyň we graždanyň esasy demokratik hukuklaryny hem azatlyklaryny ykrar edýär we hormatlaýar, olaryň netijeli amala aşyrylmagynyň syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepilliklerini döredýär» diýlip bellenilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakyndaky» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny (27.12.1995 ý.).

- Türkmenistanyň adam hukuklary babatyndaky halkara konwensiýalardan, şeýle hem BMG-niň şertnamalaýyn edaralarynyň jemleýji maslahatlaryndan gelip çykýan halkara borçnamalary.

## HEREKETLERIŇ MEÝILNAMASYNYŇ DURMUŞA GEÇIRILIŞINIŇ GURNALYŞY

Hereketleriň meýilnamasy Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara topary tarapyndan utgaşdyrylýar. Pudagara topary:

- Hereketleriň milli Meýilnamasynyň monitoringiniň guralyny döretmek;

- ilatyň giň gatlaklarynyň Hereketleriň meýilnamasy babatynda habardarlygyny ýokarlandyrmaga ýardam bermek we onuň monitoringiniň amala aşyrylyşyna jemgyýetçiligi çekmek üçin degişli maglumatlary ýaýratmak maksady bilen habar beriş baş ýörelgesini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek.

## HEREKETLERIŇ MEÝILNAMASYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINIŇ MONITORINGINI GEÇIRMEK WE OŇA BAHA BERMEK

Garaşylýan netijeleri seljermek maksady bilen Hereketleriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň monitoringini geçirmegiň we oňa baha bermegiň usullary dörediler. Hereketleriň milli Meýilnamasy resmi kabul edilenden soňra, Monitoring topary dörediler, şeýle hem Monitoring toparynyň ygtyýarlyklaryny, wekilleriň düzümini, usullaryny we monitoringiň geçirilişini kesgitleýän Düzgünnama işlenip taýýarlanylar.

Monitoring topary tarapyndan dolandyrmak we monitoring üçin möhüm ähmiýeti bolan ýyllyk iş meýilnamasy işlenip taýýarlanylar. Ol Hereketleriň milli Meýilnamasynyň II bölüminde göz öňünde tutulan we beýan edilen ähli çäreleri nazara almak bilen işlenip taýýarlanylar.

Hereketleriň milli Meýilnamasynyň durmuşa geçirilişiniň netijeliligine baha bermek we monitoring ulgamy çäreleriň netijeliligine baha bermäge, şeýle hem Hereketleriň milli Meýilnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň barşynda zerur bolan üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmäge mümkinçilik berer.

## II BÖLÜM. HEREKETLERIŇ MEÝILNAMASYNYŇ GURLUŞY I BÖLEK. YKDYSADY, DURMUŞ WE MEDENI HUKUKLAR

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar milli, sebit we global derejedäki hukuk ulgamlarynda, daşary ýurt döwletleriniň Konstitusiýalarynda we kanunlarynda hem-de halkara şertnamalarynda has anyk kesgitlemä eýe bolýar.

Olaryň adam hukuklary hökmünde ykrar edilmegi bolsa, döwlete her bir adamyň bu hukuklardan doly peýdalanyp bilmegi üçin zerur şertleri we olaryň bozulan ýagdaýynda, hukuk goragynyň serişdeleri bilen üpjün etmek ýaly hukuk borçlaryny ýükleýär.

Adamyň beýleki hukuklary ýaly ykdysady, durmuş we medeni hukuklarynyň, kemsitmezlik ýörelgesi bilen birlikde ykrar edilmegi jemgyýetiň goraga mätäç toparlaryna has üns berilmegine getirýär.

Adam hukuklary babatynda Hereketleriň meýilnamasynyň şu bölümi Türkmenistanyň BMG-niň ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky maslahatlaryny nazara almak bilen milli özgertmeleri durmuşa geçirmegiň meselelerini gurşap alýar.

Adam hukuklary babatynda Hereketleriň milli Meýilnamasy aýry-aýry şahslaryň ýa-da şahslaryň toparynyň ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryny höweslendirmek bilen baglanyşykly işde raýat jemgyýetiniň dürli subýektleriniň, mysal üçin jemgyýetçilik we hünär birleşikleriniň, kärdeşler arkalaşyklarynyň, ylmy jemgyýetçiligiň we beýlekileriň ornuny nazara alýar.

**(a) Maksatlar:**

*- adam hukuklary babatynda ýurduň borçnamalaryna laýyklykda ykdysady, durmuş we medeni hukuklary durmuşa geçirmegiň başlangyç maglumatlaryny kesgitlemek we degişli görkezijileri işläp taýýarlamak. Mynasyp durmuş derejesinde, şol sanda, iýmite we ýaşaýyş jaýyna bolan hukuk, saglygy goraýşa, bilim almaga, durmuş üpjünçiligine, medeni durmuşa gatnaşmaga, zähmet çekmäge, adalatly we amatly zähmet şertlerine bolan hukuklary ýaly ulgamlarda maksatlara ýetmek üçin anyк maksatnamalaryň işlenip taýýarlanylmagy;*

*- ykdysady, durmuş we medeni hukuklar ýerine ýetirilende kemsitmelere ýol bermezlik;*

*- ykdysady, durmuş we medeni hukuklary ykrar etmegi we ýerine ýetirmegi pugtalandyrmaga gönükdirilen kanunçylyk we administratiw çäreleriňkabul edilmegi.*

*- ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryň aradan aýrylmagy we ýol berilmezligi üçin netijeli çäreleriň ulanylmagy.*

(b) Işiň we netijeliligiň görkezijileri:

| **Wezipeler we çäreler** | **Hyzmatdaşlar** | **Durmuşageçirmeli senesi** | **Görkezijiler we netijeler** |
|---|---|---|---|
| 1) Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary, şol sanda ýaşlary, aýallary, azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden boşadylanlary işe ýerleşdirmegiň mümkinçiliklerini giňeltmek maksady bilen, Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny ösdürmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2016-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Turkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Yaşlar guramasy | 2016-2020 her ýylda | Iş üpjünçilik edaralarynda bellige alnan iş gözleýänleriň sanynda işe ýerleşenleriniň, hususan-da durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlaryň, şol sanda ýaşlaryň, aýallaryň, azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden boşadylanlaryň paýynyň ýokarlanmagy. Ilatyň zähmete ukyply böleginiň umumy sanynda zähmet çekýän böleginiň tutýan paýy. Zähmet gorunyň deňligi, häzirki statistik hasabatlylyk. Zähmet we iş bilen üpjünçilik bölüminde milli gelip çykyşy boýunça bellige alnan iş gözleýänleriň ýaşy boýunça düzümi. Zähmet gorunyň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | deňligi, häzirki statistik hasabatlylyk. Boş iş orunlar barada maglumatlar binýadynyň döredilmegi. Iş ýerleriniň artyşynyň göterimi |
| 2) Iň pes aýlyk zähmet hakyny kesgitlemegiň tertibini kämilleşdirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Iň pes zähmet hakynyň ýokarlanyşynyň depgini (göterim) |
| 3) Aýlyk zähmet haklaryny, pensiýalary, döwlet kömek pullaryny we talyp haklaryny kadalaşdyrmak ulgamyny kämilleşdirmek. | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Aýlyk zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň möçberiniň depgini (göterim). Iş bilen üpjünçilik edaralaryna ýüz tutan şahslaryň, şol sanda, ýüz tutan aýallaryň işe ýerleşenleriniň göteriminiň ýokarlanmagy |
| 4) Ilaty iş bilen üpjün etmegiň kanunçylygyny halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we | 2016-2020 her ýylda | Zähmet gorlarynyň paýlanyşynyň we dolandyrylyşynyň netijeliliginiň ýokarlanmagy. Ykdysadyýetiň pudaklarynda iş bilen meşgullanýan ilatyň sanynyň umumy zähmete ukyply ilatyň tutýan paýynyň ýokarlanmagy. Zähmet çekýänleriň göteriminiň ýokarlanmagy, şol sanda zähmet çekýän aýallaryň göteriminiň ýokarlanmagy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | kinematografiýa baradaky döwlet komiteti, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy | | |
| 5) Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň 2013-2018-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny durmuşa geçirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2018 | Ykdysadyýetde zähmet çekýän aýallaryň umumy sanynyň we olaryň aýlyk zähmet haklarynyň möçberleriniň ýokarlanmagy. Kiçi we orta telekeçilikde zähmet çekýänleriň umumy sanynda aýallaryň göteriminiň ýokarlanmagy. Ýokary we orta hünär bilimi bolan aýallaryň göteriminiň ýokarlanmagy |
| 6) llatyň arasynda hukuk biliminiň we habar berşiň esasynda aýallaryň öz hukuklary babatyndaky bilimlerini ýokarlandyrmagy | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Bilim edaralarynda bilim alýan aýallaryň sanynyň ýokarlanmagy. Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň internet sahypasynda aýallar babatda kemsitmäniň öňüni almaga gönükdirilen türkmen we rus dillerindäki habar-beriş we maglumat beriş maglumatlarynyň sanynyň ýokarlanmagy |
| 7) «Türkmenistanyň Ilaty | Türkmenistanyň Zähmet | 2016-2020 | Ykdysady taýdan işjeň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň» we «Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň kadalaryny durmuşa geçirmek | we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | her ýylda | ilatyn döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy bilen gurşalmagy (hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyrylanlaryň sany). Pensiýalary we döwlet kömek pullaryny alýanlaryn sany. Pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň möçberleriniň ýokarlanmagy |
| 8) Durmuş üpjünçiliginiň halkara assosiasiýasyna agza bolup girmek boýunça düzgünleri öwrenmek we agza bolmak babatynda işleri geçirmek (DÜHA) | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty | 2016-2020 | DÜHA agzalyk |
| 9) Türkmenistanyň adam söwdasyna garşy göreş hakyndaky kanunçylygyny kämilleşdirmek | Türkmenistanyň Mejlisi, hukuk goraýjy edaralar, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi | 2016-2017 | Adam söwdasynyň pidalarynyň hukuk ýagdaýy kesgitlenildi. Dikeldiş merkezlerini döretmegiň we işlemeginiň tertibi işlenip taýýarlanyldy. Adam söwdasynyň pidalary üçin niýetlenen birmeňzeş durmuş bukjasynyň bolmagy (ASP) |
| 10) Adam söwdasyna garşy göreş alyp barýan döwlet | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin | 2016-2018 | Işlenip taýýarlanyldy: Iş topary hakyndaky |

| | | | |
|---|---|---|---|
| edaralarynyň işini gurnamagyň meseleleri babatynda Iş toparyny döretmek | görkezilen hyzmatdaşlar | | Düzgünnama; çäreleriň meýilnamasy: işleriň yzygiderligi; degişli maslahatlar. Bar: ýygnaklaryň beýannamasy we kabul edilen kararlaryň sanawy. Adam söwdasynyň pidalary üçin Dikeldiş merkezleri döredildi |
| 11) Birleşen Milletler Guramasynyň «Maýyplaryň hukuklary hakyndaky halkara konwensiýasynyň» düzgünlerini Türkmenistanyň milli kanunçylygyna ornaşdyrmak. Kanunlaryň deňeşdirme-hukuk seljermesini geçirmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi, «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugy | 2016-2018 | Kanunçylyk üýtgedildi. Maslahatlar işlenip taýýarlanyldy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 12) «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky kodeksiniň» 24-nji babynyň durmuş infrastrukturasyna maýyp adamlaryň we ilatyň goraga mätäç beýleki toparlarynyň elýeterliligi babatyndaky düzgünleriniň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň gözegçilik edaralary tarapyndan barlaglary amala aşyrmak | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, ýerli häkimiýet edaralary, Jemgyýetçilik birleşikleri | 2016-2020 | Durmuş infrastrukturasyna maýyplaryň we ilatyň goraga mätäç toparlarynyň elýeterliligi üçin zerur bolan şertler döredildi |
| 13) Infrastrukturanyň ilatyň goraga mätäç toparlaryna (ýaşuly adamlar, maýyplar we ş.m.) elýeterli bolmagy üçin amatly şertleri döretmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Durmuş infrastrukturasyna ilatyň goraga mätäç toparlarynyň elýeterliligi babatynda halkara ölçeglere laýyk gelýän binalaryň, şol sanda durmuş maksatly binalaryň köpelmegi.<br><br>Ilatyň goraga mätäç topary üçin elýeterliligi göz öňünde tutýan jemgyýetçilik transportynyň sanynyň köpeldilmegi |
| 14) Maýyp adamlara ideg etmek üçin ýörite hünärli işgärleri taýýarlamaga gönükdirilen bilim beriş gysga möhletli okuwlaryň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we girizmek | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti, ýerli häkimiýet edaralary | 2016-2020 | Taýýarlanylan logopedleriň, defektologlaryň, hojalyk işgärleriniň, döwlet dilinde terjime edýän surdoterjimeçileriň we beýleki hünännenleriň sany |
| 15) Inklýuziw düzümli ene-ata merkezleriniň sanlaryny | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin | 2016-2020 | Maýyp çagaly ene-atalary ene-ata |

| | | | |
|---|---|---|---|
| köpeltmek | görkezilen hyzmatdaşlar | | merkezleriniň hyzmaty bilen gurşamak |
| 16) Maýyp adamlaryň, şol sanda, maýyp çagalaryň sanawyny işläp taýýarlamak | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti | 2016-2020 her ýylda | Maýyplary, şol sanda maýyp çagalaryň döwlet tarapyndan hasabynyň ýöredilmegi. |
| 17) Maýyplar we ýaşuly adamlar üçin amatly şertleri (elýeterlilik) döretmek babatynda ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, ýerli häkimiýet edaralarynyň hünärmenleri üçin okuwlary geçirmek. Maýyplar üçin betbagtçylyklardan töwekgelçiligi azaltmak (BTA) üçin okuwlary geçirmegiň usullaryny işläp düzmek | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti, ýerli häkimiýet edaralary | 2016-2020 | Hünärmenleriň sany (ussat tälimçiler) Okuwlary geçenleriň sany |
| 18) Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary, şol sanda maýyplary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibini işläp düzmek | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi | 2016-2017 | Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda zähmet çekýän maýyplaryň sany |
| 19) Zorlukly hereketler üçin jenaýat jogapkärçiligini göz öňünde tutýan Türkmenistanyň kanunlaryna üýtgetmeler girizmek meselesine seljerme işlerini geçirmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, hukuk goraýjy edaralar, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, | 2016-2017 | Jenaýat kanunçylygynda «maşgala zorlugy» adalgasynyň kesgitlenilmegi we Türkmenistanyň Jenaýat kodeksine üýtgetmeleriň girizilmegi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy | | |
| 20) Maşgala zorlugynyň öňüni almak üçin kazyýetiň we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hünärini ýokarlandyrmak boýunça okuw maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanylmagy we ornaşdyrylmagy | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi | 2018-2020 | Ornaşdyrylan okuw maksatnamalarynyň sany. Diňleýjileriň sany. Sebitler boýunça geçirilen habar beriş saparlarynyň sany |
| 21) Aýallar babatda zorlugyň hem-de maşgala zorlugynyň ähli görnüşleriniň ýaýramagy, sebäpleri we netijeleri boýunça barlagy geçirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2018 | Geçirilen barlaglaryň netijeleri boýunça çap edilen çykyşlaryň sany we olaryň ulanylyş derejesi. Adaty durmuşdaky zorluk bilen baglanyşykly jenaýat işleriniň sany |
| 22) Sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz edýän çäreleriň geçirilmegi | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Yokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň | 2016-2020 | Sagdyn durmuş ýörelgelerini, şol sanda, sporty we syýahatçylygy wagyz etmäge gönükdirilip geçirilen çäreleriň sany. STEPS barlagynyň maglumatlary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, hukuk goraýjy edaralar, Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Sport baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Yaşlar guramasy | | |
| 23) «Raýatlaryň saglygynyn temmäki tüssesiniň täsirinden we temmäki önümlerini ulanmagyň netijelerinden goralmagy hakyndaky» we «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunlaryň durmuşa geçirilmegi | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Çilim çekýänleriň görkezijisiniň depgini (ýyllar boýunça), şol sanda erkekler we aýallar babatynda, şeýle hem çilim çekýänleriň ýaş görkezijisi boýunça, ýetginjekleri hem goşmak bilen |
| 24) Birleşen Milletler Guramasynyň Müňýyllygyň ösüş maksatnamasynyň (MÖM), Durnukly ösüş maksatnamasynyň (DÖM) maksatlaryny doly gazanmak üçin ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Suw hojalyk ministrligi, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy ministrligi, | 2016-2020 | Ýurduň jemi içerki önüminiň ösüşiniň göterimi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri | | |
| 25) «Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnamanyň» (Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwaryndaky karary bilen kabul edildi) we «Agyz suwy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyň (2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry) ýerine ýetirilmegi. Suwy üpjün ediji, suwy arassalaýjy we suwy süýjediji desgalaryň gurulmagy | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Ulanylyşa girizilen suw arassalaýjy we suw süýjediji desgalaryň sany. Gowulandyrylan suw çeşmesihowpsuz agyz suw elýeterli bolan ilatyň paýy. Arassaçylyk-tehniki serişdeleri ulanýan ilatyň paýy |
| 26) «Türkmenistanyň AIW ýokuşmasyna garşy hereketleriň 2012-2016-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» durmuşa geçirilmegi | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýeti, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy | 2016-2020 | Saglygy goraýyş edaralarynda maslahat bermek we synag etmek babatynda ýokary hilli berlen hyzmatlaryň mukdary |
| 27) Ilatyň arasynda AIW ýokuşmasynyň öňüni almak | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | AIW ýokuşmasy we AIDS babatynda doly we dogry habary bolan ilatyň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | göterimi |
| 28) Okuw edaralarynda (umumy bilim berýän edaralar, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde) AlW-iň we AIDS-iň öňüni almak hakynda ýaşlaryň habardarlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen çäreleriň geçirilmegi | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | AIW ýokuşmasynyň we AIDS-iň öňüni almak babatyndaky kompaniýalaryň ýaşlary gurşap alşy |
| 29) «Adamyň immunýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň (AIW ýokuşmasynyň) öňüni almak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna goşmaça girizmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Goşmaça girizildi |
| 30) Hünär taýdan bilim beriş maksatnamalaryny we degişli hünär ölçeglerini kämilleşdirmegiň arkaly edaralaryň mümkinçiligini we saglygy goraýyş, durmuş ulgamy we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Kämilleşdirilen maksatnamalaryň sany. Bilim alan hünärmenleriň göterimi |
| 31) Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» döwlet maksatnamasynyň çäginde ýerine ýetirilen çäreleriň sany |
| 32) Döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişi:<br>- «Türkmenistanda saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi | 2016-2020 | Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hilini we oňa elýeterliligi ýokarlandyrmak maksady bilen saglygy goraýyş ulgamyna gönükdirilýän |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Döwlet maksatnamasy»;<br>- «Türkmenistanda şypahana ulgamyny ösdürmek boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasy» | | | býujet pul goýberilmeleriniň artdyrylmagy.<br><br>Durmuşyň ähli tapgyrlarynda ilatyň ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjün edilmegi. Milli lukmançylyk maksatly önümleriň we derman serişdeleriniň önümçiliginiň ýokarlanmagy. Şypahana bejergisini alan şahslaryň sany |
| 33) «Türkmenistanda bilim ulgamyny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny» durmuşa geçirmek. | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi | 2016 | Bilim beriş edaralarynyň sanynyň ýokarlanmagy(mekdepleri we mekdebe çenli çagalar edaralary) |
| 34) Bilim maksatnamalaryna bilim babatyndaky halkara ölçeglerini ornaşdyrmak arkaly kämilleşdirmegiň esasynda bilim beriş işiniň hilini ýokarlandyrmak | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2020 | «Çagalara mähirli garalýan mekdepleriň» sanyny artdyrmak |
| 35) Bilim edaralarynda internete erkin elýeterliligi gurnalan | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2020<br>her ýylda | Elektron kitaplaryň sany. Internete çykalgasy bolan umumybilim berýän mekdepleriň göterimi |
| 36) Mekdep enjamlarynyň, kitaplarynyň okuw gollanmalarynyň we okuw işiniň awtomatlaşdyrylmagynyň | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2020 | Maddy-tehniki enjamlar bilen enjamlaşdyrylan umumybilim berýän mekdepleriň göterimi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyrmak | | | |
| 37) Halkara bilermenleriniň gatnaşmagynda dürli okuw maslahatlarynyň geçirilmegi bilen mugallymlaryň hünärini ýokarlandyrmak | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2020 her ýylda | Hünärini ýokarlandyryş okuwyny geçen mugallymlaryň göterimi. Ýokary hünärli mugallymlaryň sanyny artdyrmak |
| 38) Ýokary okuw mekdepleriniň arasynda elektron kitaphanany döretmek | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2018 | Elektron kitaphanadan peýdalanýanlaryň sany |
| 39) Etniki azlyklaryň çagalarynyň ene dilini we öz halkynyň taryhyny hem-de medeniýetini öwrenmekleri üçin amatly şertleri döretmek | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, ýerli häkimiýet edaralary | 2016-2017 | Milli gelip çykyşy boýunça çagalaryň ýaş düzümi. Milli azlyklaryň dilinde neşir edilýän döwürleýin neşirleriň sany. Milli azlyklaryň dilinde Teleýaýlymlarda berilýän gepleşikleriň sany. Etniki azlyklaryň dilinde sapak berilýän synplaryň we etniki azlyklaryň dilindäki okuw gollanmalarynyň sanyny artdyrmak |
| 40) Bilim ulgamynda gender deňhukuklylygyny ýerine ýetirmek üçin zerur şertleri döretmek | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2017 | Ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan oglan-gyzlaryň ÝOM-niň talyplarynyň umumy sanyndaky gatnaşygy |
| 41) Medeniýet ulgamynda infrastrukturany ösdürmek | Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň | 2016-2020 | Ýurduň ilaty üçin medeniýet ulgamynyň binalarynyň elýeterliliginiň esasy görkezijileri |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşigi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy | | |
| 42) Oba ýerlerinde Medeniýet öýlerini abatlamak we maddy-tehniki binýadyny berkitmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Iş alyp barýan, abatlanan we täze medeniýet öýleriniň sany |
| 43) Medeniýet çygrynda netijeli hereket edýän ýokary we orta hünär bilim ulgamyny emele getirmek, sazçylyk we çeperçilik mekdepleriniň sanyny artdyrmak | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Ähli etrap merkezlerinde we şäherçelerde açylan Sungat mekdepleriniň şahamçalarynyň sany |
| 44) Dünýä ölçeglerine laýyk gelýän kitaphanalaryň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmak | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Kitaphanalaryň täze binalarynyň sanynyň köpelmegi |
| 45) Milli we etniki azlyklaryň milli baýramçylyklaryna bagyşlanan dürli çäreleri bilelikde geçirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Milli we etniki azlyklaryň geçiren Medeniýet günleriniň sany |
| 46) Islegi bolan ähli adamlaryň maglumatlaryň | Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, | 2016-2020 her ýylda | Okuw edaralarynyň maglumat-habar beriş |

| | | | |
|---|---|---|---|
| dürli-dürli çeşmelerine, şol sanda internete erkin elýeterliligini üpjün etmek | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi | | enjamlary, şol sanda, kompýuterler bilen üpjünçiliginiň derejesi |

## II. Bölüm. Raýatlyk we syýasy hukuklar

Raýatlyk we syýasy hukuklar ösen jemgyýetiň aýrylmaz alamaty bolup durýar. Hukugyň bu derejesiniň esasy gymmatlygy onuň raýatyň, jemgyýetiň we döwletiň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek üçin zerur şertleri döretmegi bolup durýar.

Adam hukuklary babatyndaky Hereketleriň milli Meýilnamasynyň bu bölümi Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasy düzgünleriniň, raýatlyk we syýasy hukuklaryny üpjün etmäge gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň we onuň esasy ugurlaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen seljermesini geçirmegi göz öňünde tutýar.

Raýatlyk we syýasy hukuklar babatynda kabul edilen ähli maslahatlar we Adam hukuklary hakyndaky Geňeşiniň käbir maslahatlary hem şu bölümde nazara alyndy.

Bölümde anyk wezipeler we maksatlar, olara ýetmegiň ýollary, şeýle hem gazanylan netijäni kesgitlemäge mümkinçilik berýän görkezijiler kesgitlenildi.

### (a) Hereketleriň meýilnamasynyň maksatlary

- Türkmenistanyň kabul eden maslahatlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, milli kanunçylygyň Birleşen Milletler Guramasynyň Raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky halkara Paktynyň kadalary bilen sazlaşýandygy babatynda hukuk seljermesini geçirmek;
- BMG-niň raýatlyk we syýasy hukuklar hakyndaky maslahatlaryny milli kanunçylyga, maksatnamalara we hereketleriň baş ugruna ornaşdyrmak.

### (b) Durmuşa geçirilýän işiň we netijeliligiň görkezijileri:

| Wezipeler we çäreler | Hyzmatdaşlar | Durmuşa geçirmeli senesi | Görkezijiler we netijeler |
|---|---|---|---|
| 1) Žurnalistleriň hukuklarynyň ýagdaýy boýunça seljerme | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň | 2016-2020 | Ýagdaýyň seljermesi babatynda netijeleriň |

| | | | |
|---|---|---|---|
| geçirmek | Prezidentiniň ýanyndaky ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, hukuk goraýjy edaralar, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti, jemgyýetçilik birleşikleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, žurnalistler | | bolmagy. Geçirlen seljermäniň esasynda çykarylan netijeleriň we berlen maslahatlaryň sany |
| 2) Žurnalistika fakultetleri üçin söz erkinligi boýunça usuly işläp taýýarlamak | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Degişli bilim beriji maksatnamalar işlenip taýýarlanyldy |
| 3) Žurnalistleriň hukuklary we borçlary boýunça kazylar (kazyýet işgärleri), adwokatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri üçin okuwlary geçirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Geçirilen gysga möhletli okuwlaryň we onda bilim alanlaryň sany |
| 4) Jemgyýetçilik birleşikleriniň hasaba alynmagy, işlemegi we ösmegi üçin amatly şertleri döretmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, jemgyýetçilik guramalary | 2016-2017 | Dürli jemgyýetçilik birleşikleriniň sany |
| 5) Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň seljermesini geçirmek we olaryň | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2017 | Seljermäniň netijesi we edilen maslahatlar |

| | | | |
|---|---|---|---|
| geljekde kämilleşdirilmegi | | | |
| 6) Birleşen Milletler Guramasynyň ýörite dokladçylarynyň çagyrylmagyny gurnamak. Adam hukuklary baradaky ýokary Komissaryň Müdirligi bilen maslahatlary geçirmek we ýörite dokladçylaryň saparlarynyň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty | 2016-2017 | Ýörite dokladçylaryň saparlarynyň sany |
| 7) Administratiw-hukuk, durmuş- ykdysady we jemgyýetçilik çäreleriniň durmuşa geçirilmeginiň täsiri esasynda parahorlugy ýok etmek maksady bilen milli kanunçylygy kämilleşdirmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, hukuk goraýjy edaralar | 2016-2020 | Kanunçylyga girizilen goşmaçalaryň sany. Parahorluk bilen baglanyşykly işler boýunça iş ýörediş möhletleriniň gysgaldylmagyna seretmek. Hasaba alnan jenaýat işleriniň umumy sanynda parahorluk bilen baglanyşykly jenaýat işleriniň paýy |
| 8) Milli köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde parahorluga garşy kanunçylygy beýan etmek | Hukuk goraýjy edaralar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri | 2016-2020 her ýylda | Çap edilen makalalaryň, tele we radio ýaýlymda edilen çykyşlaryň sany |
| 9) Ilatyň goraga mätäç toparlaryna tölegsiz hukuk kömegini bermek | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | 2016-2020 her ýylda | Tölegsiz hukuk kömegi berlen şahslaryň sany. Tölegsiz hukuk kömegini bermek üçin niýetlenilen býujetiň möçberi |
| 10) Kazyýet işgärleri, hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri we döwlet gullukçylary üçin okuwlaryň geçirilmegi | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | 2016-2020 | Geçirilen okuwlaryň sany |
| 11) Adyl kazyýetlige we ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna elýeterlilik | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, | 2016-2020 | Pidalaryň (ýa-da olaryň garyndaşlarynyň) sany we hasabat döwründe tölenen |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | | öwez tölegleriniň ýa-da dikeldişleriň jemi (Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň maglumatlary) |
| 12) Adyl kazyýetlige bolan hukugyň durmuşa geçirilmegi | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | 2016-2020 | Arza-şikaýatlaryň sany |
| 13) Elektron resminamalaryň dolanyşygyna, işlenilmegine we maglumatlaryň seljerilmegine geçmek | Ministrlikler we pudak edaralary | 2016-2020 | Resminamalary (pasportlar, sertifikatlar, şahadatnamalar, sürüjilik şahadatnamasy we beýlekiler) bermegiň usuly ýönekeýleşdirildi. |
| 14) Milli azlyklaryň wekilleriniň çözgütleriň kabul edilmegine deň derejede gatnaşmagyny üpjün etmek | Döwlet dolandyryş edaralary, ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralar, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary | 2016-2020 | Döwlet we hususy ulgamda milli azlyklaryň we ilatyň beýleki maksatlaýyn toparlarynyň wekilleriniň eýeleýän ýolbaşçy wezipeleriniň göterimi (mysal üçin: dolandyryjy wezipeler). Milli azlyklaryň we ilatyň beýleki maksatlaýyn toparlarynyň wekilleriniň milli we ýerli derejelerde saýlawly we bellenilýän edaralarda eýeleýän orunlarynyň göterimi |
| 15) Milli azlyklaryň we ilatyň beýleki maksatlaýyn toparlarynyň wekilleri üçin amatly şertleri döretmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet we beýleki edaralarda milli azlyklar we ilatyň beýleki maksatlaýyn toparlary üçin ýörite çäreleriň, bellenen möçberde ýerleriň bolmagy we onuň berjaý edilmegi |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 16) Pariž ýörelgelerine we BMG-niň şertnamalaýyn edaralarynyň maslahatlaryna laýyklykda Adam hukuklary boýunça Ygtyýarly wekiliň edarasy hakynda Türkmenistanyň Kanunyny kabul etmek | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet we hukuk instituty | 2016-2017 | Kanun kabul edildi. Adam hukuklary boýunça Ygtyýarly wekiliň edarasy üçin býujet kesgitlenildi |
| 17) Raýatlaryň ýüz tutmalary we arzalary bilen işlemegi kämilleşdirmek | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrlig | 2016-2017 | Arzalary we ýüz tutmalary kabul edýän işgärleriň başarnyklary ýokarlandy Arzalary kabul etmek üçin maglumatlar binýady we olary dessin işlemek we hasabatlylyk üçin zerur bolan elektron maksatnamalar ornaşdyryldy. Ýüz tutujylaryň jynsy, ýaşy, durmuş gelip çykyş boýunça toparlara bölünen statistiki maglumatlaryň bolmagy. Toparlara bölünen maglumatlar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli institutynyň ýyllyk hasabatyna we BMG-na ugradylýan döwürleýin milli hasabatlara, şol sanda, Döwürleýin uniwersal syn (DUS) hem goşuldy. . |
| 18) Raýatlaryň ýüz tutmalaryny işlemegiň we arzalaryny hasaba almagyň | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky | 2016-2017 | Elektron maksatnama babatynda okuwlary geçen raýatlaryň arzalary we ýüz |

| | | | |
|---|---|---|---|
| elektron ulgamlaryny öwrenmek we ulanmak babatynda maglumat beriş maslahatlarynyň geçirilmegi | Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi | | tutmalary bilen iş alyp barýan işgärleriň sany |
| 19) Azatlykdan mahrum ediş ýerlerine öňünden habar bermezden garaşsyz, yzygiderli we netijeli monitoringi we barlagy geçirmek ulgamyny döretmek üçin degişli edaralar bilen maslahatlary dowam etmek | Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty | 2016-2020 hemişelik | Meýilleşdirilýän monitoringiň netijeliligi we gurşawynyň gerimi, işiniň düzgüni, hukuk derejesi hakynda ylalaşyk gazanyldy. |
| 20) Azatlykdan mahrum ediş ýerleriniň monitoringini geçirmek we geçirilen barlaglaryň netijelerini çap etmek. | Türkmenistanyň Baş prokuraturasy; Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty; köpçülikleýin habar beriş serişdeleri | 2016-2020 her ýylda | Öňüni alyş usulynyň bolmagy: azatlykdan mahrum ediş ýerlerine geçirilen monitoringleriň sany; azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden gowşan arzalaryň sany. Monitoringiň geriminiň giňeldilmegi we uzakda ýerleşýän sebitleriň goşulmagy. Monitoringiň netijeleri boýunça hasabat neşir edildi |
| 21) Azatlykdan mahrum ediş ýerleriniň lukmançylyk gullugynyň işgärleri üçin iş kesilenlerde zorlugyň alamatlaryny ýüze çykarmagyň, olara ilkinji kömegi bermegiň halkara düzgünleri boýunça okuwlary geçirmek | Türkmenistanyň Baş prokuraturasy, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | 2016-2020 her ýylda | Azatlykdan mahrum ediş ýerleriniň lukmançylyk gullugynyň işgärleriniň hünär derejesiniň ýokarlandyrylan göterimi |
| 22) Adam hukuklary boýunça | Türkmenistanyň Prezidentiniň | 2016-2020 | Adam hukuklary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| bilim babatyndaky bütindünýä maksatnamasyny ornaşdyrmak arkaly adam hukuklary babatyndaky bilimiň derejesini ýokarlandyrmak. | ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi | | babatynda okuw maksatnamasy bar bolan ýokary okuw mekdepleriniň, umumy bilim berýän mekdepleriniň, orta-hünär okuw mekdepleriniň sany |
| 23) Adam hukuklary babatynda maglumatlaryň we temalaryň bardygyny anyklamak üçin okuw maksatnamalarynyň we okuw maglumatlarynyň seljermesini geçirmek | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi | 2016-2017 | Seljermäniň gerimi we gurşawy. Seljermäniň esasynda edilen maslahatlaryň sany |
| 24) Milli azlyklaryň we goraga mätäç toparlaryň wekilleri bilen maslahatlaşmak üçin gurluşy döretmek | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, jemgyýetçilik guramalary | 2016-2020hemişelik | Geçirilen maslahatlaşmalaryň sany |
| 25) Milli azlyklaryň we goraga mätäç toparlaryň wekilleri bilen hyzmatdaşlygyň gurluşyny ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklaryň tapgyryny geçirmek | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, jemgyýetçilik guramalary | 2016-2018 | Geçirilen duşuşyklaryň sany |

## III BÖLÜM. HUKUK ULGAMY: KAZYÝET ULGAMY, HUKUK GORAÝJY EDARALAR WE ADWOKATURA.

Adalatly, çalt we elýeterli adyl kazyýetlige her bir adam hukuklydyr. Öz raýatlarynyň bu hukugyny üpjün etmek üçin adyl kazyýetlik ulgamyny netijeli durmuşa geçirmek we dolandyrmak döwletiň borjudyr. Kanunyň hökmürowanlygy demokratik döwletiň esasydyr.

Türkmenistanda adyl kazyýetlik taraplaryň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligi we bäsleşigi esasynda, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulmadyk başga ýagdaýlara garamazdan, hemmeleriň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi esasynda amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, şu bölüme ýurduň kabul eden maslahatlaryny durmuşa ornaşdyrmaga ýardam berjek çäreler goşuldy we görkezijiler işlenip taýýarlanyldy.

**(a) Hereketleriň meýilnamasynyň maksatlary**

- BMG-niň degişli maslahatlaryny ornaşdyrmak arkaly kazyýet ulgamyny halkara standartlaryna we kanunyň hökmürowanlygy ýörelgesine laýyk getirmek üçin mundan beýläk hem kämilleşdirmek.
- kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat etmekleriniň we olaryň gaýtadan hukuk bozulmalarynyň öňüni almaga gönükdirilen adalatly we netijeli adyl kazyýetlik ulgamyny üpjün etmek maksady bilen kanunçylygy we hukuk ulanyş tejribesini halkara ölçegleri bilen sazlaşdyrmak.
- Adam hukuklary boýunça Türkmenistanyň gatnaşyjysy bolup durýan halkara kadalary babatynda kazyýet edaralarynyň işgärleriniň mümkinçiligini pugtalandyrmak.
- Hukuk kömegini bermekde adwokatlaryň we hukuk goraýjy tejribäniň ornuny ýokarlandyrmak.

**(b) Işiň we netijäniň görkezijileri:**

| Wezipeler we çäreler | Hyzmatdaşlar | Durmuşa geçirmeli senesi | Görkezijiler we netijeler |
|---|---|---|---|
| 1) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 1-nji iýunynda çykaran 12345-nji karary bilen tassyklanan «Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada adyl kazyýetlik ulgamyny ösdürmek boýunça | Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Ýaşlar syýasaty bölümi, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň | 2016-2020 her ýylda | Baş meýilnamany durmuşa geçirmek üçin kabul edilen çäreleriň sany |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Türkmenistanyň Baş maksatnamasyny» ornaşdyrmak | Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri | | |
| 2) Baş meýilnamada göz öňünde tutulan Milli utgaşdyryjy edarany döretmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2018 | Döredilen milli edaranyň işe başlamagy. Utgaşdyryjy edaranyň hasabatlary |
| 3) Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýata baş goşmaklarynyň sebäbini seljermek we maslahatlary işläp taýýarlamak | Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Ýaşlar syýasaty bölümi, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Demokratiýa we adam hukuklary baradaky Türkmen milli instituty, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri. | 2016-2020 her ýylda | Maslahatlaryň sany. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň arasynda jenaýatçylygyň azalmagy |
| 4) Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça adyl kazyýetlik ulgamynyň utgaşdyrylmagyny we monitoringini kämilleşdirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýyl | Kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan gaýtadan edilýän hukuk bozulmalaryň sanynyň azalmagy |
| 5) Kämillik ýaşyna ýetmedikler babatynda adyl kazyýetligiň barşynyň hoşamaýlyk ýörelgelerini pugtalandyrmak we olaryň hukuklarynyň berjaý edilişini kämilleşdirmek, şeýle hem azatlykdan mahrum etmek we temmi çäresi hökmünde azatlykdan mahrum etmegi iň az | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresiniň berilmegi hakynda çykarylýan çözgütlerin azalmagy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| derejä getirmek | | | |
| 6) Ýerli jemgyýetleriň derejesinde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň isleglerini kanagatlandyrjak çäreleriň kabul edilmegine we azatlykdan mahrum etmek hem-de jenaýat jogapkärçiliginiň çärelerini iň pes derejede ulanmak mümkinçiligini üpjün etjek maksatnamalaryň (öňüni alyş, dikeldiş we täzeden goşulmak) bolmagyny üpjün etmek. | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 | Ýerli derejede (ýerli utgaşdyryjy edara we jemgyýetçilik birleşikleri) azatlykdan mahrum ediş ýerinden boşan kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin täzeden goşulyşmak meýilnamasynyň bolmagy. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinden boşan, psihososial goldawy alan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň sany |
| 7) Kämillik ýaşyna ýetmedikler, şol sanda gyzlar üçin terbiýeleýiş edaralarynda monitoringi geçirmek | Ýokarky wezipäni durmuşa geçirmek üçin görkezilen hyzmatdaşlar | 2016-2020 her ýylda | Kämillik ýaşyna ýetmedikler, şol sanda gyzlar üçin terbiýeleýiş edaralarynda geçirilen gözegçilikleriň netijeleri |
| 8) «Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynyň düzgünleriniň durmuşa geçirilmegi | Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Adwokatlar kollegiýasy | 2016-2020 her ýylda | Tölegsiz hukuk kömegini bermek hakyndaky maddada döwlet býujeti ýokarlandyryldy. Berlen tölegsiz hyzmatlaryň barlygy hakynda maglumatlar. Hukuk fakultetlerinde hukuk klinikalarynyň bar bolmagy we onda bilim alýan talyplaryň sany |
| 9) Hukuk goraýjylaryň ýagdaýy boýunça Ýörite doklad we Kazylaryň hem-de aklawçylaryň garaşsyzlygy meselesi boýunça Ýörite dokladça rugsat bermek we düzgünleri ýeňilleşdirmek arkaly Ýörite düzgünler we Adam | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara topary | 2016-2018 | Ýörite dokladçylar çagyryldy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| hukuklary boýunça Ýokary Komissaryň Müdirligi bilen hyzmatdaşlyk | | | |
| 10) Kazylaryň hünärini ýokarlandyryş okuwlarynyň maksatnamasyna adalatly kazyýet önümçiligine we kanunyň hökmürowanlygyna bolan hukuga degişli halkara ölçeglerini girizmek hakyndaky okuw dersini girizmek | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi | 2016-2017 | Okuw maksatnamasyna adalatly kazyýet önümçiligine we kanunyň ilerligine bolan hukuga degişli halkara standartlaryny girizmek üçin okuw dersi işlenip taýýarlanyldy we girizildi |
| 11) Adwokatlar üçin adam hukuklaryny goramak boýunça okuwlary geçirmek | Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň Adalat ministrligi | 2016-2017 | Aklawçylar kollegiýasy aklawçy adwokatlar üçin adam hukuklaryny goramagyň usullary babatynda okuw ulgamyny işläp taýýarlady we girizdi |